# Jynazasy okalmadyk, ýasy tutulmadyk seljukly soltany kim?

Category: Geň-taňsy wakalar,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Jynazasy okalmadyk, ýasy tutulmadyk seljukly soltany kim?
JYNAZASY OKALMADYK, ÝASY TUTULMADYK SELJUKLY SOLTANY KIM?

Taryhda dürli sebäpler bilen ölümi gizlenen hökümdarlar köp. Olaryň käbiri käbir syýasy bähbitlere görä gizlenipdir. Şeýle hökümdarlaryň biri hem beýik seljuk soltany Mälikşadyr.
Munuň bilen baglanyşykly fakty taryhçy Ekber Nejep berýär.
1092-nji ýylyň 20-nji noýabrynda Soltan Mälikşa Bagdat ýörişine çykanda ýolda aw etinden zäherlenip aradan çykýar.
Türkan hatyn Mälikşa bilen nikalaşan (bu nika 1066-1072-nji ýyllar aralygynda bolup geçipdir) wagtyndan başlap seljuk döwlet apparatynda iň sözi ýörgünli täsirli adamlaryň birine öwrülýär. Türkan hatyn tagta heniz kämillik ýaşyna ýetmedik ogly Mahmydy çykarjak bolup, birnäçe pyssy-pyjurlykly dildüwşikleri amala aşyrypdyr. Ilkinji nobatda Mälikşanyň ölümini goşundan gizlän Türkan hatyn yzysüre soltanyň meýdine jynaza çykartman gizlinlik bilen Şuniziýýada jaýlatdy.
Ibn Esir soltanyň ölümi bilen baglanyşykly geň-taňsylygy şeýle beýan edipdir:
«Mälikşa ýaly beýik soltanyň jynaza namazynyň okalmazlygy we yzyndan ýas tutup gözýaş dökülmezligi başga seljuk soltanlarynda ne görüldi, ne-de eşdildi…»
Şeýdip, taryhyň iň beýik hökümdarynyň ölümi sessiz-sedasyz bolup geçdi.

Hikmet HASANOW,
Azerbaýjan. Geň-taňsy wakalar